# Mentaliteti öwreniş barada düşünje we onuň predmeti

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mentaliteti öwreniş barada düşünje we onuň predmeti
MENTALITETI ÖWRENIŞ BARADA DÜŞÜNJE WE ONUŇ PREDMETI

Mälim bolşy ýaly, eýýäm iki asyr bäri, bütin dünýäde dürli döwletleriň alymlary adamzadyň durmuşyna juda uly täsir edýän “mentalitet” diýlip atlandyrylýan jemgyýetçilik hadysasynyň dürli taraplaryny içgin öwrenip gelýärler. Emma, häzirki güne çenli, mentalitet bilen bagly soraglaryň we meseleleriň jemi bir bütewi tertipleşdirilen ulgamda birleşdirilmän, aýry-aýrylykda öwrenilýär.
Şu ýagdaý hem görkezilen soraglaryň toplumyny ylmyň özbaşdak pudagynyň predmeti hökmünde kesgitlemeklige we olary öwrenmegiň hem seljermegiň özboluşly usullaryny işläp düzmeklige päsgel berýär.
Elbetde, mentalitet bilen bagly soraglaryň we meseleleriň her haýsynyň aýry-aýrylykda öwrenilmegi, öz gezeginde, olary seljermeklige we çözmeklige has giň mümkinçilikleri döredýär. Ýöne, mentalitet ýaly göwrümi uly, jemgyýetçilik aňynyň ykdysadyýet, syýasat, hukuk, din, medeniýet, ylym-bilim ýaly görnüşleriniň ählisi bilen diňe bir ysnyşykly gatnaşykda durman, eýsem, olara işjeň we yzygiderli täsir edýän jemgyýetçilik hadysasyny öwrenmeklige, munuň ýaly çemeleşme, onuň ulgamlaýyn tertipde, çuňňur, doly we hemmetaraplaýyn seljerilmeginde belli bir kynçylyklary-da emele getirýär.
Sebäbi mentalitetiň düzüm bölеklerini we dürli görnüşlerini öwrenmeklige munuň ýaly başly-barat çemeleşme, bu jemgyýetçilik hadysasynyň tutuş ägirtligine, onuň adamzadyň durmuşyndaky we ösüşindäki ähmiýetine, ony döwrebap özgertmek arkaly gazanyp boljak oňyn üstünliklere doly we anyk göz ýetirmäge mümkinçilik bermeýär.
Şu nukdaýnazardan hem, şu günki günde, bu jemgyýetçilik

hadysasy bilen bagly soraglaryň jemini ulgamlaýyn tertipde birleşdirip, diňe mentaliteti öwrenmeklige gönükdirilen ylmyň täze pudagyny döretmek maksadalaýyk bolar.

Bu meseläni seljermeklige girişilende-de, ilkinji nobatda, “mentalitet” diýen düşünjäniň aňladýan manysyny kesgitlemek we onuň gelip çykyşyny öwrenmek zerur bolup durýar.

Belli bolşy ýaly, tebigy taryhy ösüşiň we adamzadyň ewolýusiýa prosessiniň dowamynda, gumanitar bilimleriň ulgamynda jemgyýetiň mentaliteti we onuň esasy hem iň wajyp düzüm bölegi hökmünde şahsyýetiň mentallygy barada garaýyşlar emele gelipdir.

Sosiumyň (jemgyýetiň) mentalitetiniň we indiwidiumyň (şahsyýetiň) mentallygynyň seljermeleriniň taryhy, örän gadymy döwürlerden öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Eýýäm antik döwrüň alymlarynyň arasynda, görkezilen adalga bilen atlandyrylmasa-da, bu jemgyýetçilik hadysasy hakda birnäçe utgaşyk garaýyşlar bolupdyr.

Mysal üçin, mentalitetiň düzümine degişli etnopsihologiýa syn ýazgylaryny Gerodotyň, Tasitiň, Pliniýniň, Ksenofontyň işlerinde tapmak bolýar. Şonuň ýaly-da bu jemgyýetçilik hadysasyny öwrenmeklige XVIII asyrda Ş.L.Monteskýe, K.Linneý, Ž.Býuffon dagylar has içgin gyzyklanma bildirip başlapdyrlar.

“Mentalitet” düşünjesiniň ulanylyp başlanmagynyň uzak möhletiniň dowamynda, umuman, häzirki wagtda-da, milli we daşary ýurt ylmy çeşmelerinde oňa dürli-dürli kesgitlemeler berilýär. Bu ýagdaýyň şeýle bolmagy hem öz-özünden düşnüklidir. Çünki bu jemgyýetçilik-medeni hadysasyny häsiýetlendirýän alamatlar juda çylşyrymly we onuň mazmunyny anyklamak üçin peýdalanyp boljak ölçegler hiç wagt durnukly, üýtgewsiz ýagdaýda durmaýarlar.

Bu adalganyň gelip çykyşy barada aýdylanda, käbir alymlar onuň döremegini, XIV asyrda, orta asyr sholastikasynyň [Gr. “Scholastikos-mekdebiňki, alym” dini filosofiýanyň bir ugry] dilinde ulanylyp başlanan, “mens” diýen latyn sözi we onuň yzyna goşulma goşulmagynyň netijesinde emele gelýän “mentalis” (mens, mentis – akyl we alis – beýlekiler, başgalar) diýen sözler bilen baglanyşdyrýarlar.

Başga alymlaryň pikirine görä, “mentalitet” adalgasy “mentalite” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, “dünýägaraýyş” diýmegi aňladýar.
Ýöne, has anyk we düýpli ylmy çeşmelere salgylanylsa, ilki bilen, takmynan XVII asyrda, iňlis pelsepe ylmynyň miwesi bolan “mentality” diýen filosofiýa adalgasynyň dörändigini aýtmak bolar.
Fransiýada “mentalite” diýen söz, belli bir derejede Wolteriň hyzmaty bilen XVIII asyrda ornaşyp ugraýar we tä XX asyra çenli, bu ýurtda täze söz (neologizm) hökmünde kabul edilýär. Uzagyndan bu adalga fransuz alymlary tarapyndan adaty gepleýiş dilinde ulanylyp başlanýar we onuň bilen esasan dünýägaraýşyň hem-de özüňi alyp baryşyň köpçülikleýin ölçegleri (ulgamlary) atlandyrylyp ugralýar.
Jemgyýetçilik durmuşyna, şol sanda hukuga, syýasata, ykdysadyýete, ruhy ösüşe, medeniýete juda uly täsir edýän indiwidiumyň mentallygyny, sosiumyň mentalitetini öwrenmegiň zerurdygyna düşünmek, aýratyn hem XIX-XX asyryň alymlaryna mahsus bolupdyr.
Mentalitet bilen bagly soraglary öwrenmek hem seljermek bilen, esasan, dürli gumanitar, jemgyýetçilik we tebigaty öwreniş ylymlarynyň wekilleri, ilkinji nobatda-da, taryhçylar, etnologlar, psihologlar, sosiologlar, medeniýeti öwrenijiler, filosoflar, ýakyn geçmişde bolsa syýasaty öwrenijiler we hukukçylar meşgullanypdyrlar.
Ýewropa ýurtlarynyň aglaba köpüsinde, ylmy edebiýatlarda, bu adalga diňe XIX asyryň ortalaryndan soň işjeň ulanylyp başlanypdyr we ol ýewropa dilleriniň köpüsinde birmeňzeş diýen ýaly aýdylýar.
Mysal üçin, fransuz dilinde “mentalite” – bu söz pikirleriň ugruny, içki ruhy ýagdaýy, akyl-paýhasyň gönükdirilen ugruny, akyl-paýhasyň gurluşyny aňladýar.
Iňlis dilinde “mentality” diýen söz, akyl taýdan ösüşi, akylyň gurluşyny, akylyň ýagdaýyny beýan etmek üçin ulanylýar. Nemes dilinde “die Mentalitat” – bu akylyň gurluşy, pikirleniş usuly, akylyň ýagdaýy.
Iňlis ylmy dilinde “mentalitet” adalgasy XIX asyryň

ortalaryndan bäri, nemes ylmy adalgaýetinde (terminologiýasynda) XIX asyryň ikinji ýarymyndan bäri, fransuz ylmynda bolsa ondan has öň ulanylyp başlanypdyr.

Işlerinde “mentallyk” diýen adalga gabat gelýän alymlaryň ilkinjileriniň biri, amerikan filosofy R.Emerson bolup durýar. Ol bu düşünjäni ruhuň esasy metafiziki ähmiýetini seljerende gymmatlyklaryň hem hakykatlaryň ilkinji gözbaşy hökmünde ulanýar.

Ondan soňra dürli ýurtlarda halklaryň (milletleriň) gelip çykyşyny öwreniji alymlar (etnologlar) bu adalgany ilkidurmuş halkyýetleri bilen baglylykda ulanyp başlaýarlar. Häzirki zaman iňlis sözlüklerinde “mentality” diýen adalga “aýratyn bir şahsyýeti ýa-da şahsyýetleriň synpyny häsiýetlendirýän akylyň hili (häsiýeti)” ýa-da “akyly tapawutlandyrýan häsiýetnamalaryň umumylaşdyrmasy” ýa-da “paýhasyň ukyby ýa-da güýji”, ýa-da “akylyň mazmuny, kesgitlemeleri, ýagdaýy” ýa-da “pikir etmegiň görnüşi, oýlanmagyň ugry ýa-da häsiýeti” ýa-da “fiziki ölçeglerden tapawutlanýan pikirleniş ukyplarynyň ýa-da mümkinçilikleriniň möçberi” diýlip düşündirilýär.

Daşary ýurt ylmy edebiýatlarynda “mentalitet” düşünjesiniň başga-da birnäçe dürli kesgitlemeleri bar. Mysal üçin, D.Fild: “mentalitet – akylyň durnukly gurluşy bolup, onuň logiki görnüşi bolmasa-da maddy durmuşa esaslanýan we ilatyň ep-esli bölegine ýaýran hem-de ykdysady, durmuşy we syýasy gatnaşyklara gönüden-göni täsir edýän ulgamlaýyn häsiýeti bar” diýip belleýär.

Günbatar ýurtlarynyň köp alymlarynyň ulanýan “mentalitet” düşünjesiniň kesgitlemesi juda köp we dürli-dürli bolandygy sebäpli Ž.Le Goff ol kesgitlemeleriň anyk däldigi bilen ylalaşmagy-da teklip edipdir. Çünki onuň pikirine görä, hut şol köpdürlilikde-de: “onuň (awt. mentalitetiň) mazmunynyň öwrenilýän obýektlere sazlaşykly baýlygy we köpmanylylygy ýüze çykýar”.

Ýöne nemes alymlary “mentallyk” we “mentalitet” diýen düşünjeleriň kesgitlemeleriniň anyk däldigi babatda ynjalyksyzlyk bildiripdirler. Adalganyň many taýdan anyk däldigi Ž.Le Goff tarapyndan onuň artykmaçlygy hökmünde

kesgitlense-de, nemes alymlary tarapyndan onuň ýetmezçiligi diýlip bellenilýär.

Durmuşy-gumanitar bilimleriň: mentallyklaryň taryhy, semiotika [grek. “Semeion-belgi, alamat”, adamzat jemgyýetindäki belgileriň we belgi ulgamlarynyň (esasan, tebigy we emeli dilleriň, şeýle hem medeniýetiň, rowaýatlar, urp-adatlar ulgamynyň käbir hadysalaryny), tebigatda (haýwanlaryň arasyndaky aragatnaşyk usullaryny), adamyň özündäki (görmek, eşitmek we ş.m.) maglumaty kabul etmegiň hem geçirmegiň usullaryny we häsiýetlerini seljerýän ylym], “karnawal” medeniýeti barada nazaryýet, durmuşy maglumat barada nazaryýet, taryhy, düzüm gurluş we medeni antropologiýa ýaly ugurlary “mentalitet” diýen düşünjäniň mazmuny baradaky garaýyşlaryň emele gelmegine örän uly täsir edipdir.

Görkezilen ylmy ugurlarda geçirilýän seljermeler adamyň we jemgyýetçilik toparlarynyň (sosial umumylyklaryň) gündelik aňyny we özüni alyp barşyny kesgitleýän garaýyşlary, gymmatlyklary we akyl-paýhas düzüm gurluşlaryny ýüze çykarmaklyga gönükdirilýärler.

Taryhy ylmy seljermeleriň ýörite ugry hökmünde mentallyklaryň taryhy fransuz taryh ylmynda geçen asyryň 20-30-njy ýyllarynda döräpdir. Taryh ylmynyň bu ugry “Annallaryň” Mekdebinde emele gelipdi we işlenip düzülipdi. Onuň nazary başlangyçlarynyň esasy işläp düzüjileri hökmünde M.Blogy, L.Fewri, Ž.Dýubini, Ž.Le Goffy, F.Brodeli, R.Mandruny, F.Ariýesi görkezmek bolar.

Sosial umumylygyň wekili hökmünde medeniýeti döredýän we kabul edýän adam, merkezinde duran, durmuşy ugra (antropologiýa) gönükdirilen taryh, bu ylmy mekdebiň geçirýän ylmy seljerişiniň esasy predmeti bolup durýardy.

Şol seljerişleriň dowamynda-da alymlar adamyň we jemgyýetçilik toparlarynyň pikirlerine, duýgularyna, özüni alyp baryşlaryna hem-de olaryň durmuşda ugur alýan gymmatlyklaryna taryhy nukdaýnazardan üns berip, şeýle hem görkezilenleriň umumy adamzat ösüşine we kadaly taryhy ösüşe edýän täsirini öwrenip başlaýarlar.

Belli bolşy ýaly, mentalitet hem mentallyk her bir adamyň, her bir milletiň (halkyň, jemgyýetiň we ş.m.) dilinde hem-de

ulanýan beýleki belgiler ulgamynda-da (hat-ýazuwynda, sanlarda, suratlarynda, halk amaly-haşam döredijiliginde, sungatda we ş.m.) ýüze çykýar.
Şoňa görä-de onuň mazmunyny emele getirýän häsiýetli alamatlar kesgitlenende semiotika ylmyndaky ýörgünli pikirleri-de, esasanam tartus-moskwa mekdebiniň wekilleri bolan we adamlaryň ol ýa-da beýleki bileleşiklerinde kabul edilen hem-de olaryň dürli ýazgylarynda öz beýanyny tapan medeni “syrly belgilerini (kodlaryny)” öwrenmek bilen meşgullanan Ý.M.Lotmanyň, W.W.Iwanowyň, B.A.Uspenskiýniň pikirleri nazara alynmalydyr.
Mentaliteti seljermeklige goşant goşan, ylmyň ýokarda görkezilen ugurlarynyň wekillerinden başga-da, bu düşünjäniň seljermesini geçirmeklige belli bir derejede ýardam beren alymlar hem bar.
Daşary ýurtlaryň şeýle alymlary hökmünde G.Butuly, P.Dinselbaheri, H.Eliasy, H.Getsi, T.Gaýgeri, H.Ortega-i-Gasseti we beýlekileri görkezmek bolar. G.Butul özüniň 1952-nji ýylda neşir edilen “Mentalitet” atly monografiýasynda “mentalitet” düşünjesiniň beýlekilere garanyňda has giň we anyk definisiýasyny beripdir.
Alym görkezilen işinde bu düşünjäni şeýle kesgitlemegi teklip edýär: “Mentalitet – bu şahsyýete mahsus bolan we birek-birege logiki baglanyşyk ýa-da dini ynanç gatnaşyklary bilen birleşdirilen pikirleriň hem akyl-paýhas (intellektual) gönükdirmeleriň jemidir… Biziň mentalitetimiz biz bilen dünýäniň arasyndaky ýukajyk örtük (prizma) ýaly bolup dur.
Ol, Kantyň sözi bilen aýdylanda, biziň aň ýetirişimiziň aprior [Lat. “Apriori-öň ýanyndakydan”, logikanyň (mantygyň) we aň ýetirişiň nazaryýetiniň tejribäniň öň ýanyndaky we oňa garaşsyz bolan bilimi häsiýetlendirýän düşünjesi. I. Kantyň filosofiýasynda aprior bilim (giňişlik we wagt paýhas bilen synlamagyň galyby, kategoriýalary (düşünjeleri)) tejribeleýin bilime gutarnykly, ählumumy we zerur häsiýet berýän şert hökmünde kesgitlenýär] galyby (formasy) bolup durýar”.
Bu kesgitlemede, alymyň ilkinji nobatda, mentaliteti dini ynanç bilen baglamaga çalyşýandygy ünsüňi çekýär. Şu ýerde, daşary ýurt alymlarynyň aglaba köpüsiniň dini ynanjy

mentalitetiň iň wajyp düzüm bölegi hökmünde görkezmäge ýykgyn edýändiklerini bellemek gerek.
Emma bu pikir bilen ylalaşman bolar. Elbetde dini ynançlaryň sosial umumylygyň mentalitetiniň we şahsyýetiň mentallygynyň emele gelmeginde, uly wagt möhletiniň dowamynda bir ýagdaýda, üýtgewsiz durnukly durmagynda hem-de üýtgemeginde (statikasynda we dinamikasynda) örän uly ähmiýeti bar. Ýöne bu garaýyşlar mentalitetiň özenini düzmeýär.
Mentalitetiň we mentallygyň dini garaýyşlardan başga-da:

• gen (her bir adama gan arkaly geçýän, tohum yzarlaýan) aýratynlyklary;
• maşgala terbiýesi;
• däp-dessurlar;
• gurşaýan jemgyýetiň täsiri;
• maglumat alyş-beriş ulgamy (kommunikasiýalar, telewideniýe, radio, gazet-žurnallar, internet we ş.m.);
• bilim we ş.m. ýaly ençeme düzüm bölekleri bar. Ol düzüm bölekleriniň her haýsy-da edil dini ynançlar ýaly, mentalitetiň we mentallygyň emele gelmegine hem üýtgemegine öz täsirini ýetirýär.

Ýöne elbetde, käbir jemgyýetleriň taryhy emele geliş ýolunyň we ösüşiniň aýratynlyklaryna baglylykda, mentalitetiň döremeginde we üýtgemeginde görkezilen düzüm bölekleriň käbiriniň täsiri beýlekilerine garanyňda has artyk bolup biler.
Mysal üçin:

• Watikan, Hindistan, musulman döwletleri, Latyn Amerikasynyň käbir döwletleri ýaly diniň jemgyýetdäki orny ägirt uly bolan döwletlerde dini ynançlaryň;

• Afrika döwletleri, Ýaponiýa ýaly döwletlerde däp-dessurlaryň;

• Ýewropa we Demirgazyk Amerika döwletlerinde maglumat alyş-beriş ulgamynyň, bilimiň, medeniýetiň;

• Türkmenistan, Özbegistan ýaly maşgala hem-de milli däp-dessurlara aýratyn uly gymmatlyk hökmünde garalýan döwletlerde, maşgala terbiýesiniň we däp-dessurlaryň ähmiýeti mentalitetiň döremeginde hem üýtgemeginde juda uly bolup biler.

Şeýlelikde, ýokarda görkezilenler umumylaşdyryp alnanda, mentalitet – bu dünýägaraýyş, aklyň gurluşy, pikir ýöretmegiň usuly, şahsyýetiň ýa-da jemgyýetçilik toparynyň dünýägaraýşy, olaryň aklynyň, pikir ýöredişiniň esaslary bolup durýar.
Başgaça aýdylanda, mentalitet bir adama ýa-da jemgyýetçilik toparyna mahsus bolan pikir ýöredişiň usullaryny, akyl-paýhas düşünjeleriniň, ruhy başlangyçlaryň jemini aňladýar.
Bellenip geçilişi ýaly, mentalitet bilen bagly soraglary ylmyň anyk bir pudagy hökmünde kesgitlemegiň we berkitmegiň örän wajyp ähmiýeti bar. Ylmyň bu soraglary öwrenmeklige bagyşlanan täze pudagyny döretmegiň zerurlygyny şu aşakdakylar bilen esaslandyrmak bolar:

1. Mentalitet şahsyýetiň we jemgyýetiň durmuşynyň özenini düzýän jemgyýetçilik hadysalarynyň biri, şoňa görä-de ony doly we hemmetaraplaýyn öwrenmegiň netijesinde jemgyýetçilik ösüşine oňyn täsir etmegiň has netijeli usullaryny döretmek mümkin. Mentalitet bilen bagly soraglaryň jeminiň ylmyň täze bir, özbaşdak pudagynyň predmeti hökmünde kesgitlenmegi hem-de diňe şol soraglary seljermek işi bilen meşgullanýan ylmyň täze pudagynyň döredilmegi bolsa mentaliteti öwrenmeklige ulgamlaýyn tertipde çemeleşmäge hem-de bu ugurdan tagallalary üstünlikli utgaşdyrmaga mümkinçilik berer;

2. Islendik ylmy garaýyşlaryň, ylmy seljermeleriň ylmyň özbaşdak pudagy hökmünde kesgitlenmegi üçin olaryň ylmyň beýleki pudaklarynyňkydan düýpli tapawutlanýan özboluşly predmetiniň we şol predmeti öwrenmegiň ýörite usullarynyň bolmagy gerek. Mentalitet bilen bagly ylmy seljermeleriň bolsa özboluşly predmeti bar. Çünki şeýle seljermeleriň öwrenýän soraglaryny tutuşlygyna ylmyň haýsydyr bir anyk pudagyna degişli etmek bolmaýar.

Mysal üçin, mentalitet bilen bagly ylmy seljermeleriň öwrenýän soraglaryna şular degişli:

• şahsyýetiň, jemgyýetçilik toparlarynyň we tutuş jemgyýetiň, şonuň ýaly-da dünýä jemgyýetiniň dünýägaraýşy, pikir ýöredişiniň usullary;
• dürli-dürli sosial umumylyklaryň we şahsyýetleriň şol bir zatlara birnäçe röwüşde garamaklarynyň sebäpleri hem-de olaryň dünýägaraýyşlarynyň arasyndaky tapawutlyklar;
• şol bir jemgyýetiň düzümindäki şahsyýetleriň, jemgyýetçilik toparlarynyň, halkyýetleriň, milletleriň, jemgyýetleriň tutuş jemgyýetiň umumy gymmatlyklaryna bolan dünýägaraýyşlary we olaryň şol bir gymmatlyklar barada dürli pikir ýöretmekleriniň sebäpleri, olaryň arasyndaky tapawutlyklar hem meňzeşlikler;
• mentalitetiň düzüm bölekleriniň onuň emele gelmegine täsiri hem-de şol täsiri zerur ugra gönükdirmegiň usullary;
• jemgyýetçilik işjeňliginiň dürli çygyrlarynda işjeňligiň diňe şol görnüşine mahsus bolan mentalitetiň emele gelmeginiň sebäpleri we olary biri-birinden tapawutlandyrýan alamatlar;
• şahslara degişlilikdäki mentalitetiň görnüşleriniň arasyndaky tapawutlyklar we olaryň biri-biriniň mazmunyna täsiri, şol täsiri zerur ugra gönükdirmegiň ýollary;
• tutuş mentalitete täsir etmegiň serişdeleri hem usullary, şeýle-de mentalitete täsir etmegiň şahsyýet, jemgyýet we döwlet üçin zerurlygy hem netijeleri;
• mentalitet bilen psihologiýanyň, sosiologiýanyň, filosofiýanyň we beýleki ylymlaryň arasyndaky baglanyşyk hem tapawutlyklar we ş.m.

Bu sanawdan görnüşi ýaly bu soraglaryň tutuş jemini ylmyň öň bar bolan haýsydyr bir pudagynyň predmetine degişli etmek mümkin däl. Şu ýagdaý hem diňe mentaliteti öwrenýän ylmyň täze pudagyny döretmegiň möhümligini esaslandyrmalaryň iň wajyby hökmünde çykyş edýär. Ýöne ýokarda bellenilişi ýaly, soraglaryň belli bir toplumyny öwrenmeklige gönükdirilen ylmy seljerişleriň ylmyň bir pudagy hökmünde kesgitlemek üçin şol soraglary öwrenmegiň özboluşly usullary hem bolmaly.

Mentaliteti öwrenmek bilen bagly ylmy seljermeleriň özboluşly usullary hökmünde bolsa: durmuşy-filosofiýa ylmynyň ylmy seljerişiň obýekt-predmetleýin çygrynda ulanylýan metafizika, dialektika usullary ýaly umumyylmy usullar, taryhy we logiki usul, ylmy-deňeşdirme usullary, durmuşy-ontologiýa usullary, adalgalaýyn usul, nazary modelirleme usuly ýaly hususyylmy usullar çykyş edýär;

3. Mentaliteti öwrenmeklige gönükdirilen ylmy barlaglaryň ylmyň özbaşdak pudagynda jemlenmegi olaryň netijeliligini ýokarlandyrar we şol ylmy seljerişleriň esasynda alynjak netijeleriň her bir ýurtdaky jemgyýetiň ösüşine aýratynlykda we tutuş dünýä jemgyýetiniň ösüşine bütewilikde oňyn täsir etmegiň uzakmöhletleýin düýpli maksatnamalaryny işläp düzmäge şert döreder;

4. Mentaliteti, onuň düzüm böleklerini we görnüşlerini ylmyň özbaşdak pudagynyň predmeti hökmünde ýörite usullaryň kömegi bilen öwrenilmegi, geljekde jemgyýetiň täze, has kämil nazary nusgasyny (modelini) işläp düzmeklige we ol nusgany durmuşa ornaşdyrmagyň usullaryny döretmeklige mümkinçilik berer;

5. Mentalitetiň özenini düzýän soraglary öwrenmeklige, seljermeklige gönükdirilen ylmy barlaglaryň jeminiň ylmyň bir pudagy hökmünde ykrar edilmegi, bu ugurdan amala aşyrylýan işleriň esasynda alynjak netijeleriň dünýä bileleşiginiň düzüm bölekleri bolan dürli ýurtlaryň jemgyýetleriniň (dürli halklaryň) arasynda birek-birege düşünmekligi has ýokary derejä geçirmäge, dürli medeniýetleriň arasyndaky ýiti üýtgeşiklikleri, düşünişmezlikleri aradan aýyrmaga, şonuň netijesinde-de bir bütewi adamzat jemgyýetini emele getirmeklige ýardam berer;

6. Ýer ýüzünde islendik jemgyýetçilik hadysasynyň merkezinde adam dur. Adam, onuň aňy-paýhasy, dünýägaraýşy ähli zatlaryň, hadysalaryň, wakalaryň we hereketleriň ölçegi bolup durýar. Şonuň ýaly-da mentalitet hem diňe adama baglylykda we adama dahyllylykda öwrenilip bilner. Mälim bolşy ýaly, adamzat

ösüşiň ýa-da ykdysady jemgyýetçilik gurluşynyň täze basgançagyna diňe özüniň aň ýetirişi düýpli özgerende geçýär. Ynsanyýet ösüşiň basgançagynda näçe ýokary galdygyça-da onuň aň ýetirişiniň özgermegi üçin öňkä garanyňda az wagt möhleti gerek bolýar. Mysal üçin, gul eýeleriniň gullaryň zähmetiniň özlerine has köp peýda getirmekleri üçin olary özlerine garaşly bolan kolonlara (krepostnoý daýhanlara) öwürmegiň gerekdigine düşünmekleri üçin onlarça asyrlar gerek bolan bolsa, adamyň asylzada hem asylsyz (aristokrat we beýleki) görnüşlere bölünmeýändigine, ähli ynsanlaryň jemgyýetde, kanunyň we döwletiň öňünde deňdigine akyl ýetirmek üçin birnäçe asyr gerek bolupdyr.
Bellenip geçilişi ýaly, aň ýetiriş, dünýägaraýyş, pikirlenmegiň usuly mentalitetiň özeni bolup durýar. Has ýönekeý aýdylanda, mentalitet = pikirlenmegiň usuly. Şu nukdaýnazardan hem mentalitetiň düýpli öwrenilmegi adamyň aň ýetirişini has çalt üýtgetmeklige we ynsanyýetiň taryhyna, umumy ösüşine esasy täsir edýän bu hadysany tebigatyň erkine tabynlykda özbaşdak hereket etmeklige goýbermän, ony zerur ugra, adamzada has uly üstünlik getirjek ugra gönükdirmäge mümkinçilik berýän serişdeleri oýlap tapmaga giň ýol açar.
Mentalitetiň ulgamlaýyn tertipde, düýpli öwrenilmegi bolsa ýokarda bellenip geçilişi ýaly, diňe bu ugurdan alnyp barylýan işler ylmyň özbaşdak pudagynda jemlenip, utgaşdyrylanda netijeli amala aşyrylar;

7. Görkezilen ylmy barlaglary we ylmy garaýyşlary ylmyň özbaşdak pudagynda jemlemegiň ýene-de bir esaslandyrmasy, häzirki zaman dünýäsinde mentalitet we mentallyk adamyň durmuşy we ruhy ýaşaýşynyň iň üýtgeşik, täsin hadysalary (fenomenleri) hökmünde ylmyň dürli görnüşleriniň wekilleriniň aglaba köpüsiniň üns merkezini eýeleýär.

Görkezilen fenomenleri öwrenmeklige we seljermeklige alymlaryň köpçülikleýin ýykgyn etmeklerini esasan şular bilen düşündirmek bolar:

Birinjiden, milli aň ýetirişiň we öz-özüňe aň ýetirişiň

tebigatyna hem özboluşly aýratynlyklaryna düşünmek, şonuň netijesinde-de milletara gapma-garşylyklaryň we dartgynlylyklaryň öňüni almagyň netijeli ýollaryny tapmak maksadynyň bolmagy;

Ikinjiden, adamyň ruhy mazmunyna bolan gyzyklanmanyň artmagy, şeýle-de häzirki zaman jemgyýetinde dine ýykgyn etmekligiň we jemgyýetçilik aňyna diniň täsiriniň ýokarlanmagy;

Üçünjiden, aragatnaşyk ulgamlarynyň, esasan hem telekommunikasiýalaryň we internet ulgamynyň ösmegi bilen dürli ýurtlaryň alymlaryň bu ugurdan ýerine ýetirilen hem-de ýerine ýetirilýän işler bilen aňsat we doly tanyşmaga mümkinçilikleriniň peýda bolmagy;

Dördünjiden, häzirki zaman milli jemgyýetleriniň ählisiniň diýen ýaly öz ruhy mazmunyna akyl ýetirmeklige, özleriniň taryhy, ruhy, medeni gymmatlyklaryny we ýörelgelerini dikeltmegiň esasynda täze, kämil aňyýeti döretmeklige çalyşmaklary.

Şu ýagdaýlaryň ählisi-de adamyň durmuşy (sosial) we ruhy ýaşaýşynyň aýrylmaz bölekleri, ynsan işjeňliginiň dürli görnüşlerine edýän täsiri, şol täsiriň mazmuny bilen baglylykda mentalitet we mentallyk fenomenlerini durmuşy-filosofiýa nukdaýnazaryndan öwrenmegiň hem seljermegiň durmuşylygyny esaslandyrýar.
Görkezilenleriň esasynda-da mentaliteti öwrenmeklige gönükdirilen ylmy seljerişleri ylmyň özbaşdak pudagy hökmünde kesgitläp, ol pudagy “mentaliteti öwreniş ylmy” ýa-da “mentalitalogiýa” diýip atlandyrmak maksadalaýyk bolar. Mentaliteti öwreniş ylmynyň, ylymlaryň haýsy görnüşine degişlidigini kesgitlemek hem bu ylmy işiň möhüm soraglarynyň biri bolup durýar. Belli bolşy ýaly, häzirki döwürde ähli ylymlar şu görnüşlere bölünýär:

- tebigy ylymlar;
- jemgyýetçilik ylymlary;

- gumanitar ylymlar;
- tehniki ylymlar.

Mentalitet we mentallyk bolsa häzirki güne çenli esasan taryh, filosofiýa, sosiologiýa, psihologiýa, hukuk, ykdysadyýet we ş.m. ylymlarynyň çäklerinde öwrenilip gelipdi. Görkezilen ylymlar bolsa ylmyň şu görnüşlerine degişli:

- Psihologiýa ylmy – tebigy ylymlara;
- Sosiologiýa, hukuk ylymlary – jemgyýetçilik ylymlaryna;
- Taryh, filosofiýa ylymlary – gumanitar ylymlara;
- Ykdysadyýet ylmy – jemgyýetçilik we gumanitar ylymlara.

Şoňa görä-de öwrenýän soraglarynyň jeminiň özboluşly aýratynlyklaryny nazara almak bilen, mentaliteti öwreniş ylmyny tutuşlygyna ylmyň ýokarda görkezilen görnüşleriniň ýeke-täk birine degişli etmek mümkin däl.
Ýöne mentaliteti öwreniş ylmynyň seljerýän meseleleri hem maksatlary we öňünde duran wezipeler boýunça ol esasan psihologiýa we sosiologiýa ylymlaryna has ýakyn. Emma şol bir wagtda-da, haýsydyr bir sosial umumylygyň mentalitetiniň ýa-da belli bir şahsyýetiň mentallygynyň tebigy ýagdaýda, öz akymyna hereket eden halatynda, bir günde ýa-da bir aýda däl-de, taryhy taýdan uzak wagtyň dowamynda, azyndan ýarym asyryň ýa-da bir asyryň dowamynda emele gelýändigini, onuň üýtgemegi üçin hem şonçarak uzak möhletiň gerekdigini göz öňünde tutmak bilen, ylmyň bu täze pudagynyň taryh ylymlary bilen hem ysnyşykly gatnaşykda durýandygyny bellemeli.
Şu nukdaýnazardan hem mentaliteti öwreniş ylmyny tebigy-jemgyýetçilik-gumanitar ylmy hökmünde, ylymlaryň şol görnüşleriniň çatrygynda duran ylmyň özboluşly pudagy hökmünde kesgitlemek bolar.
Şeýlelikde mentaliteti öwrenmeklige gönükdirilen ylmy barlaglaryň jemi we mentalitete hem-de mentallyga degişli soraglaryň toplumy ylmyň “mentaliteti öwreniş” atly täze pudagy diýip ykrar edilen halatynda, ylmyň bu täze pudagynyň kesgitlemesi şeýle görnüşde bolup biler:
“Mentaliteti öwreniş – bu şahsyýetiň we sosial umumylyklaryň

aň ýetirişiniň, dünýägaraýşynyň, pikir ýörediş usullarynyň emele gelmegi, hereket etmegi we ösmegi ýaly jemgyýetçilik hadysalaryny, ol hadysalaryň umumy kanunalaýyklyklaryny hem-de özara arabaglanyşygyny, mentalitetiň we mentallygyň häsiýetli alamatlaryny, mazmunyny, görnüşlerini, jemgyýetçilik durmuşynda we onuň durmuşy taýdan düzgünleşdiriş ulgamynda mentalitetiň hem mentallygyň ornuny, ähmiýetini we görkezilen jemgyýetçilik hadysalary bilen bagly beýleki derwaýys düşünjeleri öwrenýän hem-de seljerýän ylymdyr”.

Elbetde bu kesgitlemede mentaliteti öwreniş ylmynyň predmetini düzýän ähli düşünjeleriň we soraglaryň doly hem gutarnykly sanawy berilmeýär. Onsoňam döwürleriň geçmegi, jemgyýetiň mazmunynyň üýtgemegi bilen olaryň üýtgemegine ägirt uly täsir edýän mentalitet we mentallyk hem kämilleşýär. Olaryň mazmuny we tebigaty üýtgeýär.
Netijede-de olaryň emele gelşiniň, hereket edişiniň we ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ylmyň pudagynyň, ýagny mentaliteti öwreniş ylmynyň predmeti hem üýtgär. Filosofiýa